# Bedew atyñ edebi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bedew atyñ edebi / hekaýa BEDEW ATYŇ EDEBI




Ýaryşyň baş baýragyny almaga çapyşyga goşuljak atlaryň arasynda Garlawaçdyr Kepderiniň bolmagy Seýis agany iňkise goýdy.
– Be, allajanlarym, bularyň bu näme etdigi-kä?
Hersi bir obaň aty bolany bilenem ikisinem taýçanaklygyndan başlap, tä şu güne çenli özüm seýisledim, ahyry. Ynha, indem uly ýaryşda baş baýrak diýip ikisini-de bile goşýarlar. Beýle zat bolup bilmez. Dawa başy bolaýmagy ähtimal.
Tirsekläp çaý içip ýatan Artyk aga sakgaldaşynyň janykmagyna o diýen pitiwa-da etmedi:
– Atlaryň baýrak aljagyna gaty ynamyň bar-ow, sakgaldaş. Näme paýlaşyp bilmezler öýdýäňmi?
Seýis aga sakgaldaşynyň bu sözleri oýunlyga salyp aýdýanlygyna gözi ýetip dursa-da çyny bilen jibrindi:
– Baýraksyzam men iki obaň atyny, onda-da bir seýsiň seýislän atyny başym dik bolsa ýaryşdyrmaga ýol bermejek bolaryn.
– Ýak, Seýis sakgaldaş, senem-aý. Goý ýaryşsynlar, ýaşlar isleýämi, bize näme?

— Mundan gep bolmaz. Seýsi başga bolan bolsa, menem «hä» diýsemem diýerdim. Ikisi-de öz elimden çykan at. Birini öwüp, beýlekisini syndyryp bilmen. Beýtsem, onsoň…
— Onsoňy bolmaz oň. Ýyndamy baýrak alar, çamany galyberer, tozana. Özüň aýdýadyň-a «Göreşde atańam bolsa ýyk» diýip.
— Düşünmedik bolmasana sakgaldaş. Bu ýerde başga gep bar, sakgaldaş. Bardy-geldi Garlawaç ozaýsa, ol obaň adamlary maňa teýeneli sözlerini ýetirmezler öýdýäňmi? Baý, ýetirerler-ä. «Bilgeşleýin edýä», «El egrisi özüne-dä» diýerler-ä.
— Kepderi ozaýsa näme?
— Onda ondanam mojugyny taparlar. «Öz obasynyň atynyň şöhratyna bahylçylyk edipdir» diýerler.
— Aý, onda biz-ä bilmedig-ow. Haýsy tarapyndan barsaň «waw-wasy» ýetik muň.
— Bilmeseň, bilip goý, şu ediljek bolunýan zada pisindim oturanok. Onsoň muny her etmeli, hesip etmeli üýtgetdirjek bolmaly. Juda bolmanda «bu atlary aýry-aýrylykda çapar ýaly ediň» diýmeli, garaz, şu ýagdaýda-ha goýmaly däl.
— Sen ony nädip üýtgetdirjek. Bararsyň welin, «ýaşuly, ynha, çapyljak atlaryň sanawy, edip biljek zadymyz ýok» diýerler.
— Beýle başdansowma jogap oglan-oglanjyga berilýändir, sakgaldaş!
— Saňa-da şu bolup durşuňa şondan gowy jogap bolmaz. Bararsyň welin, owadan söz bilen gelen yzyňy ýel çalmanka nädersiň yzyňa ýegdekledäýseler.
— Her niçigem bolsa, ýatyp galandan…
— Äl-aýt, sakgaldaş, bir depen ýeriňi depdiň durduň-aý. Seýis özüň, seýislän özüň. Ynha, şulary ýaryşa goşuberiň diýip hödürlän özüň. Indem baryp ýaryşa goşmaň diýjekmi? Diýibem bir gör. Şu zamanyň ýaşlarynyň dyzmaçdygyny saňa men aýtmaly däl-ä.
— Sen maňa ýoldaş bolasyň gelmese oturyber, oýkanda. Bir käse çaýdan aýrylyşyp bilmeýäne meňzeýä bolşuň. Ine, men-ä gitdim.
Seýis aga ýerinden turdy. Agar çäkmeniň ýakasyndan penjeläp, egnine atdy. Ýerinden turanda ýellenen ezýaka köýneginiň etegini guşagynyň aşagyndan çekişdirdi. Sakgaldaşynyň ýüzüne ýene bir gezek tiňkesini dikdi.seýsiň çynydygyna göz ýetiren Artyk aga:
— Seni «söweşe» ýeke goýbersek, biziňem namartladygymyz bolar, ýör bäri — diýip, Seýis aga bilen egnini deňläp ýöräp ugrady.
Aýlawda uly çapyşyga güýçli taýýarlyk gidýärdi. Daş töwerek

baýramçylyk görnüşine getirilipdir. Kim çapuw ýodalaryny gözden geçirýärdi, kim tomaşaçylaryň oturjak ýerlerine serenjam berýärdi.
Gapyşygyň beýemçisi ýaşululary ýitirip tapan ýaly garşylady. Ol demi-demine ýetmän çalt-çalt gürleýärdi:
– Hakyky seýis, at çapyşygynyň janköýerleri siz ýaly bolmaly. Geliň, geliň, ynjalman geleniňizi bilýän. Görüň taýýarlygy, kem-käsi bolsa aýdarsyňyz, gaty tiz düzederis.
Beýemçiniň bu sözleri Seýis aga üçin gyzyksyzdy. Ol bir hili susdy. Nägileligi ýüzünden-gözünden bildirip durdy. Muňa ünsem bermedik beýemçi ýaşululary goltuklap diýen ýaly aýlawyň ýolbaşçysynyň jaýyna alyp bardy. Jaýyň içinde 3-4 sany oglan garabaşlaryna gaý bolup, çapyljak atlaryň häsiýetnamalaryny taýýarlaýardylar. Seýis aga olara gözüniň gyýtagyny aýlady-da uludan demini aldy. Ýaşulynyň bolşundan bir zatlar syzan beýemçi Seýis aga ýüzlendi:
– Näme, Seýis aga, aladaly görünýäňiz. Atlaryň kemçilik tapany barmy?
– Atlar-a ýyldyza toýnak salýar, inim! Ýöne bu ýerde başga bir gep bar.
Beýemçem, oturan oglanlaram Seýis aganyň sözüniň soňuny eşitjek bolup üşerilişdiler.
– Neme, inim, ýaryş gowy zat. Ýöne baş baýraga dalaş etjek atlaryň arasynda Garlawaçdyr kepderiniň bolmagy meni iňkise goýýar. Ýaşuly yzyny aýtman sägindi. Oturanlar onuň näme diýjek bolýanyna düşünmediler-de biri-birleriniň ýüzlerine seredip, eginlerini gysdylar. Seýis aga bir haýukdan soň:
– Şu ýaryşyňyz iki obaň arasynda agzalalyk döretmese-de biri – diýdi.
Bu sözler oturanlarda bir hili oňaýsyzlyk döretdi. Seýis aga sözüni dowam etdi:
– Şu atlaryň ikisiniň bir ýaryşa goşulmagy meň üçin uly alada. Men atlaryň birini öwüp, beýlekisini syndyryp biljek däl. ikisine-de ylasymy gaýgyrmadym. Ikisem gözegelüwli, at bolup ýetişdi. Her oba öz atyna guwanýar. Asly halal bedewleriniň baýrak aljagyna-da ynanýarlar. Bardy-geldi şu atlaryň biri ozaýsa, beýleki obanyň adamlary maňa näme diýerler. Aütin ömrüme halal iýip, halal işlän halyma haýsy hem bolsa iki obaň biriniň öňünde ýüzügara bolaýmagym ahmal. Ýaryşdyr, biri ozar, biri galar, oňa söz ýok. Ýöne edil şu ýagdaýda welin, men-ä bilmedim.

– Ýaşuly, haýsy atyň, haýsy toparda çapjagy eýýäm belli edildi – diýip, oturan oglanlaryň tokarragy dillendi. Seýis aga oňa hoşamaýlyk bilen nägileligini bildirdi:
– Gepem şonda-da, inim!
Seýis aga geplemedi, dymdy. Ýaşyna görä has dogumly, ýeňil hereket edýändigi bildirip dursa-da, bu pursat onuň üçin ýeňil däldi. Göwnüne bolmasa, bütin endamy golam-gowşak bolup, sandyrap duran ýalydy.
Ýaşuly seýsiň sazanaklap durşuna dözmedik Beýemçi, oňa göwünlik bermek isledi:
– «Almany göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek», Seýis aga. Entek gaçara-kowara maý bar. Belki, atlary çalşyryp ýetişeris.
– Ýok, beýle zat bolmaz. Eýýäm bu çapyşyk hakda obalarymyzyň ikisi-de bilýär. Ony ýaryşdan goýaýsak iliň öňünde durma-da gerekdir – diýip, hälki tokarja oglan, ýüzüni kese-kese sowdy.
Seýis aga onuň bolşuny hlamady. Her niçigem bolsa, ýene-de sypaýyçylygy elden bermedi.
– Bu ýaşdan soň obada biziňem ile ryswa bolasymyz gelenok, inim. Bolýan bolsa gaýrat ediň!
Tokarja ýigit beterine tutdy:
– Ryswa etjek bolup duran ýog-a ýaşuly sizi. At çapar, baýragy ýeňen alar-da. Entek siziň atlaryňyzyň baýrak aljagyna güwäligem ýog-a.
Oglanyň bu sözleri Seýis aganyň gaharyny getirerli bolsa-da, ýaşuly ýene-de saklandy. Sesini çykarman, gözlerini bir nokada dikip duruberdi. Rejäň geň däldigini aňan ýigdekçe Seýis aga ýapjalyk edip başlady:
– Seýis aga, atlaryň haýsy birini ýaryşdan goýuň diýip aýdyp biljek. Hiç haýsyna beýle diýip bilmersiňiz. Häzir pylan obaň pylan aty ýaryşdan galdyrylypdyr diýip eşitseler, onsoň görersiň, öýke-kinäni.
Seýis aga pikirlendi. Öz-özi içini gepletdi:
– Beh, şu ýaşlar köp bilýär-ow. Şunuň aýdýanynyň hem jany ýok däl. indi sakgalyňy sallap, «Ony ýaryşdan galdyryň, muny goşuň» diýip ýörseňem-ä oňa dogry düşünjek tapylarmyka? Köpçülik yňan ugruna gidýär ahyry. Oňa-muňa arz edip, bar atlaryň birini galdyrdyňam-da, oba adamlary «oňarypsyň» diýerlermi saňa?
Şeýle oý-pikirlere gümra bolan Seýis aga esli salym dymyp

oturdy. Sözüniň ýol almajagyna gözi ýetensoň, şeýtdimi ýa-da başga bir pikir oňa ynjalyk berdimi, garaz, gaýdyp geplemedi. Köp manyly ýylgyrdy. Onuň ýylgyryşynda: «Il içinde abraý diýlen zadyň nämedigine sizem-ä soň düşünersiňiz welin, häzir o zatlary piňiňize-de alaňyzok-da» diýen ýaly oýlar bardy.
Iki goja aýlawdan çykanda iňrik mazaly garalypdy. Olaryň ikisiniňem gepläsi gelenokdy. Ýolboýy hiç birinden çykmady. Diňe öýlerine sowulýan ýoljagaza gelende Seýis aga sakgaldaşyna ýüzlendi:
– Artyk, sakgaldaş, bagyşlaweri, senem bimaza etdim, azara goýdum.
– Wah, sakgaldaş, men azara seniň sözüň ýer amlandygy üçin galdym diýäýmesem, başga näme azar gördüm. Kündä goşulan garry öküz ýaly bolup gapdalyňda bile gidip geldim diýäýmesem, dilem ýarmadym-la men.

* * *

Şol günüň ertesi Seýis aga aýlawa at çapyşygynyň başlanjak wagtyndan has ir bardy. Özem ýeke bardy. Artyk aganyň «Menem goýma ýanyňdan, bile gideli» diýeninem kiçi dilden bärde aýdandyr hasap edip sakgaldaşyna ýör diýmeli. Jylawy gaňtarylgy duran atlaryň içinden «Garlawaç» bilen «Kepderini» aňsatlyk bilen tapdy. At janawarlar Seýsi görüp hokranyşdylar. Kirpikmen, ullakan gözlerini süzüp, özlerine iň ýakyn, iň mähriban adamyň ýüzüni-gözüni, elini ysgaşdyrdylar. Atlaryň bu bolşy enesinden azaşyp, soň tapyşan çaga çalym edýärdi. Seýis atlar bilen «gürleşýärdi».
– Wah, dilsiz-agyzsyz, ynsan gylykly janawarlarym. Men nädeýin! Elimde bolsa, hem ikiňizi bir baýrak üçin ýaryşdyrjakmy? Siziň hiç biriňiziň asgyn däldigiňizi bilýän. Men bütin ömrümi siziň ata-babalaryňyzy seýisläp geçirdim. Eger siziň ikiňizem bir badan bolan bolsaňyz, ýaryşsaňyz guwanardym. Arman, siziň bu ýaryşyňyz… Ol maňa gymmat düşjek. Ikiňizem meň üçin bar zatdan eziz. Haýsy biriňiz ozup, şöhrat gazanyp bilseňiz, meniň üçin parhy ýok. Ýöne il-gün, oba, töwerek bar. Aý, hawa-da. Hiç kim hiç zat diýenogam, belki

diýmezem. Şeýle-de bolsa, meniň yhlasymdan bir obaň adamlary begenip, beýleki obaň adamlary alarylyp seredäýjek ýaly, men şoňa razy däl. belki, Hudaý beýle bolmasyn-da. Ozanyňyzy kem göremok. Kim atynyň çykanyny halamaz. Siz, janawarlar, güýç gaýgyrmaň, çapyň. Ýöne adamlara goja seýsiňize gyýa gözli bakdyrmaň. Piriňize döneýin, janawarlarym, Alla ýaryňyz bolsun!

Seýis aga atlaryň maňlaýyndan öpdi, olaryň ýalyny, sagrysyny taýly gezek sypalap, gidibermekçi bpldy. Atlaryň ikisi iki ýerden Seýis agany gallap, goýbermediler. Biri kanagatlanma bildirýän ýaly başyny taýly gezek atsa, beýleki biri göýä goja seýse tagzym edýän ýaly bir aýagyny epip, dyzyny ýere diräp esli durdy. Seýis aga töwerekde gaýmalaşyk köpelip ugransoň bir çete çekildi. Özüne iň hormatly ýerde oturyp, at çapyşygyna syn etmek üçin berlen çakylyk haëatynyň ýüzüne-de seretmän, hol bir çetde, hiç kimiň üns bermeýän ýerine geçip oturdy…

* * *

Atlar yzly-yzyna ýaryşa goýberilýärdi. Aýlawyň içi edil gaýnap duran gazany ýada salýardy. «Berekella! Gaýrat et! Goýber jylawy», «Dep, dep aldyň» diýen ýaly sesler çarýandan çabga ýaly ýagýardy. Ine, birdenem:

– Ýaryşyň iň aýgytlaýjy pursaty – baş baýragy almak ugrunda saýlama bedewleriň arasyndaky çapyşyga tomaşa ediň – diýen ses bütin töweregi gaplap alýar. Galkynyş obasynyň Garlawaç diýen bedewi seýsi pylany, çapyksuwary pylany, Görelde obasynyň Kepderi diýen aty, onuňam seýsi pylany, çapyksuwary… diýen sözler birnäçe gezek edil bilgeşleýin edilýän ýaly gaýtalandy. Olardan başga-da 7-8 sany atyň ýaryşa goşulanyny habar berdiler. Ýöne olary Seýis aga eşitmän galdy. Bedewler ula goşuldy. Ýyldyrym ýaly süýnüp barýan atlar ikinji öwrümden göni ýola düşenlerinde gowur has-da köpeldi. «Berekella, Garlawaç, ýerläp uç», «Berekella Kepderi, ganatyňa döneýin», «Gaýrat et Gaýratly», «Galkynyş, sypdyrma» ýaly sözler üýn alyşdyrmaýardy. Atlaryň ikinji öwrümden göni ýola düşenini

gören Seýis aga seredip oturyp bilmedi. Ol öňündäki oturgyjyň arkasynda gowşuran elleriniň üstünde maňlaýyny goýup, gözlerini pugta ýumdy. Ol diňe şowhuny, galmagaly eşidýärdi. Ýöne haýsy atyň öňde, haýsy atyň yzdadygy aňşyryp bilmeýärdi. Iň soňunda alyp baryjynyň:

– Iň soňky aýgytly, çekeleşikli ýaryş tamamlandy. Berekella, oglanlar! Pellehana Garlawaç hem-de Kepderi diýen atlar des-deň geldiler – diýip, uly joşgun bilen habar berdi. «Ýeňiş gutly bolsun! Baýrak düşümli bolsun!» diýşip, iki obanyň adamlary biri-birlerini mübärekleýärdiler.

Seýis aga-da buýsanç bilen ýerinden turdy, elini çarpjagynam, begenç göz ýaşlaryny süpürjeginem bilmän aljyrap durşuna ýuwaşja pyşyrdady.

– Piriňize döneýin, janawarlarym, eden yhlasymy ýanyşdyrdyňyz! Edil şol pursat, goja seýsi mübärekleýän ýaly Garlawaçdyr Kepderi ses goşup, owadan kişňediler.

Nowruz GURBANMYRADOW. Hekaýalar